Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 12

# „GAZYLYP ALYNÝAN PEÝDALY MAGDANLARYŇ ÄTIÝAÇLYKLARYNY GÖZLEMEK WE BAHALANDYRMAK“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler........................................................................1-2
Kesgitlemeler.............................................................................3
Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwlere baha bermek...........................4-9
Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleri topara bölmek.......................10-12
Gymmatyň gaçmagy............................................................ ....13-15
Maglumaty açmak ....................................................................16-17
Güýje girýän senesi ..................................................................18

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Kärhana şu standarty özüniň gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemek we bahalandyrmak boýunça çekýän harajatlaryna degişlilikde ulanýar. Şu standart gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen meşgullanýan kärhanalaryň hasaba alyş iş tejribesiniň galan jähtlerine degişli däldir.

2. Kärhananyň şu standarty:

a) gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen baglanyşykly işleriň geçirilip başlanmazyndan öňki harajatlara, mysal üçin, anyk bir etrapda gözleg işlerini geçirmek üçin ýuridik hukuklar alynmazyndan öňki harajatlara degişlilikde;

b) gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigi we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygy esasly tassyklanandan soňky harajatlara degişlilikde ulanmaga haky ýokdur.

## KESGITLEMELER

3. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarynda ulanylýar:

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwler –** kärhananyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda aktiwler hökmünde ykrar edilýän, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar –** kärhananyň gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigi we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygy esasly tassyklanmazyndan öň gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen baglanyşykly çekýän harajatlary.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak -** kärhana tarapyndan anyk bir etrapda gözleg işlerini geçirmek üçin ýuridik hukuklar alnandan soň, şeýle hem gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigi we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygy kesgitlenenden soň, minerallary, nebiti, tebigy gazy we şolara meňzeş gaýtadan dikeldilmeýän serişdeleri goşmak bilen, gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözläp tapmak işleri.

## GAZYLYP ALYNÝAN PEÝDALY MAGDANLARY GÖZLEMEK WE BAHALANDYRMAK BOÝUNÇA AKTIWLERE BAHA BERMEK

4. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwlere özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýär.

5. Kärhana nähili harajatlary gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwler hökmünde ykrar etmäge degişlidigini anyklaşdyrýan syýasaty kesgitlemäge we bu syýasaty iş ýüzünde yzygiderli amala aşyrmaga borçludyr. Şu syýasat kesgitlenende kärhana bu harajatlaryň anyk peýdaly magdanlaryň gözlegi bilen näderejede baglanyşygynyň bardygyna üns bermelidir. Aşakda gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwlere ilkibaşda baha berlende goşulyp bilinjek harajatlaryň mysallary getirilýär (bu mysallaryň gutarnykly häsiýeti ýokdur):

a) gözleg işlerini geçirmäge hukuk almak;

b) topografiýa, geologiýa, geohimiýa we geofizika barlaglaryny geçirmek üçin harajatlar;

ç) gözleg buraw işleri üçin harajatlar;

d) gözleg garymlaryny gazmak üçin harajatlar;

e) barlamak we nusgalyklary almak üçin harajatlar; we

ä) gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigine we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygyna baha bermek bilen baglanyşykly harajatlar.

6. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary işlemek bilen baglanyşykly harajatlar gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwler hökmünde ykrar edilmäge degişli däldir. Maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň we düzmegiň

ýörelgelerinde we "Maddy däl aktiwler" maliýe hasabatlylygynyň milli standartynda işlemek bilen baglanyşykly ýüze çykýan aktiwleri ykrar etmegiň meseleleri boýunça maslahatlar berilýär.

7. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwler ykrar edilenden soň kärhana ýa-ha özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alyş modelini ýa-da gaýtadan baha berlen gymmat boýunça hasaba alyş modelini ulanmalydyr. Gaýtadan baha berlen gymmat boýunça hasaba alyş modeli ulanylan ýagdaýynda ("Esasy serişdeler" MHMS-da ýa-da "Maddy däl aktiwler" MHMS-da göz öňünde tutulyşy ýaly) ol aktiwleriň topara bölünişine çapraz gelmeli däldir.

8. Eger şunuň ýaly üýtgetme peýdalanyjylar tarapyndan ykdysady çözgütleri kabul etmek nuknaýnazaryndan maliýe hasabatlylygynyň olar üçin ähmiýetlidiginiň ýokary derejesini we ygtybarlylygyň şondan pes bolmadyk derejesini ýa-da ygtybarlylygyň has ýokary derejesini we ähmiýetliligiň şondan pes bolmadyk derejesini üpjün edýän bolsa, kärhananyň gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar babatynda özüniň hasaba alyş syýasatyny üýtgetmäge haky bardyr. Şunuň ýaly ähmiýetliligiň we şunuň ýaly ygtybarlylygyň derejesine baha bermek üçin, kärhana "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" MHMS-da bellenen ölçeglerden peýdalanmaga borçlydyr.

9. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar babatynda hasaba alyş syýasatynyň üýtgedilmeginiň esasly bolmagy üçin, kärhana bu üýtgetmäniň özüniň maliýe hasabatlylygynyň "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" MHMS-da bellenen ölçeglere laýyk geliş derejesini ýokarlandyrýandygyny görkezmelidir, emma bu üýtgetmäniň bu ölçeglere doly laýyk gelmegini üpjün etmegi hökmany bolup durmaýar.

## GAZYLYP ALYNÝAN PEÝDALY MAGDANLARY GÖZLEMEK WE BAHALANDYRMAK BOÝUNÇA AKTIWLERI TOPARA BÖLMEK

10. Kärhana gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleri, alnan aktiwleriň häsiýetine baglylykda, maddy ýa-da maddy däl aktiw hökmünde topara bölmelidir we soňundan bu topara bölünişi yzygiderli ulanmalydyr.

11. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça beýleki aktiwleriň (mysal üçin, awtoulag serişdeleri we buraw enjamlary) maddy aktiwler hökmünde hasaba alynýan wagtynda, käbir aktiwler (mysal üçin, buraw işlerini geçirmäge hukuk) hasaba alyşda maddy däl aktiwler hökmünde görkezilýär. Eger maddy däl aktiwiň işlenilýän mahalynda maddy aktiw sarp edilýän bolsa, onda bu sarp etmegi görkezýän pul möçberi maddy däl aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi bolup durýar. Şeýle-de bolsa, maddy däl aktiwi işlemek üçin maddy aktiwiň peýdalanylmagy maddy aktiwi maddy däl aktiwe öwürmeýär.

12. Gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiw, eger-de gazylyp alnyýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigine we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygyna esasly subutnama alnan bolsa, mundan beýläk hem şonuň ýaly topara bölünmelidir. Gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiw gymmaty gaçmak babatynda synag edilmelidir, gymmaty gaçmakdan çekilen islendik ýitgi bolsa, gaýtadan topara bölünmezden ozal ykrar edilmelidir.

## GYMMATYŇ GAÇMAGY

13. Gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemäge we olara baha bermäge degişli bolan aktiwler şunuň ýaly aktiwiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary bolup biljekdigini görkezýän mysallar we ýagdaýlar bar bolanda gymmaty gaçmak babatynda synag edilmelidir. Mysallaryň we ýagdaýlaryň şunuň ýaly aktiwiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatdan ýokarydygyny görkezýän mahalynda kärhana gymmaty gaçmakdan çekilen islendik ýitgä "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" MHMS-na laýyklykda baha bermelidir, görkezmelidir we açmalydyr.

14. Şu aşakdaky mysallaryň ýa-da ýagdaýlaryň biriniň ýa-da birnäçesiniň bolmagy kärhana tarapyndan gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleri synag etmegiň maksadaýyklygyny görkezýär (bu mysallaryň gutarnykly häsiýeti ýokdur):

a) kärhananyň anyk bir etrapda gözleg işlerini geçirmäge hukugynyň bar bolan möhleti hasabat döwrüniň dowamynda tamamlanan ýa-da ýakyn geljekde tamamlanýan we şunda bu hukugyň täze möhlete uzaldyljakdygyna garaşylmaýan bolsa;

b) anyk bir etrapda gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça işleri mundan beýläk hem geçirmek üçin ep-esli harajatlar çykdajy sanawynda göz öňünde tutulmadyk we meýilnamalaşdyrylmadyk bolsa;

ç) anyk bir etrapda gazylyp alnyýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak işleriniň peýdaly magdanlaryň täjirçilik taýdan düşewüntli möçberleriniň açylmagyna getirmedik bolsa, şol sebäbe görä hem kärhana şu etrapda bu işleri bes etmek netijä gelen bolsa;

d) anyk bir etrapda gazylyp alnyýan peýdaly magdanlary işlemäge geçmek ähtimallygy bar bolanda hem şunuň ýaly serişdeleri gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwiň balans gymmatynyň ony üstünlikli işlemegiň ýa-da ýerlemegiň netijesinde doly özüni ödejekdiginiň näbellidigini görkezýän ýeterlik maglumatlar bar bolsa.

Şunuň ýaly islendik ýagdaýda ýa-da şuňa meňzeş ýagdaýlarda kärhana "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" MHMS-na laýyklykda gymmaty gaçmak babatynda synag etmäge borçlydyr.

15. Gymmaty gaçmakdan ýüze çykarylan islendik ýitgi "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" MHMS-na laýyklykda ykrar edilmäge degişlidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

16. Kärhana gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan, özüniň maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerini tapawutlandyrýan we düşündirýän maglumaty açmaga borçlydyr. Kärhana şulary açmaga borçlydyr:

a) gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleri ykrar etmegi goşmak bilen, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar babatynda özüniň kabul eden hasaba alyş syýasatyny;

b) gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan aktiwleriň, borçnamalaryň we çykdajylaryň, pul serişdeleriniň amal we maýa goýum akymlarynyň pul möçberlerini.

17. Kärhana gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleri, aktiwleriň aýratyn derejesi hökmünde hasaba almaga we "Esasy serişdeler" MHMS-nyň ýa-da "Maddy däl aktiwler" MHMS-nyň talaplarynyň esasynda, bu aktiwleriň topara bölünişine laýyklykda açmagy geçirmäge borçlydyr.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

18. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 6 „Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak“ (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

mineral serişdeleri gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwleriň gymmatynyň gaçmagynyň barlanýan derejesini anyklaşdyrmaga bildirilýän talaplar aýryldy.